# Ynam (Iňlis tymsaly)

Category: Ýol ýazgylary
написано kitapcy | 11 апреля, 2025



Bir gezek Şöhle Günüň ýanyna baryp:

– Men günüň-gününe Ýere baryp gaýdýan, ähli ýeri ýyladýan, ýöne ynsan ýüreginem ýyladyp göresim gelýär – diýýär.

– Ýagşy, sen öz ataşyňdan bir damjany ynsanyň ýüreginde ýerleşdirip bilersiň – diýip, Gün rugsat berýär. – Bu oňa belli döredijilik adamsy bolmaga kömek eder. Ýöne olaryň arasyndan iň gowusyny, mynasybyny saýlagyn.

Şöhle Ýere gelip, pikire çümýär: «Men bularyň iň gowusynyň

haýsydygyny nädip bileýin?». Şol wagtam onuň gulagyna bir ýaş ýigidiň: «Meniň başarýan zadym ýok. Suratkeş bolmagy arzuw etdim, özüm bolsam jaý reňkläp ýörün. Bir gyza aşyk boldum, ol bolsa maňa seredenogam» diýen zaryn sesi gelýär.

– Seniň zehiniň, ýaşlygyň hemem başarjaň elleriň bar ahyryn! – diýip, Şöhle oňa öz ataşyny berýär.

Gün ataşy ýaş ýigidiň ýüreginde ýagty saçyp, oňa egsilmez joşgun beripdir. Ol eline reňk alyp söýgülisi üçin ajaýyp bir surat çekipdir. Gyz ony görüp: «Bu durşuna gudrat ahyryn!» diýip, aşyk ýigide söýgi bilen bakypdyr. Şondan kän wagt geçmänkä, ýaş ýigit meşhur suratkeşe öwrülip gidipdir.

Ýigidiň durmuşyny yzarlap ýören Şöhle ýene Günüň ýanyna baryp:

– Men adamlaryň arasyndan iň gowusyny saýlamalydygy barada aýdanyňy ýadymdan çykaraýypdyryn – diýip, günäli halda sözleýär. – Ataşy ilki gabat gelen adamyma sowgat edäýdim. Men ýalňyşlyk goýberäýdim öýdýän…

– Onyň ýalňyşlyk däl, sen adama ynam bildirdiň ahyryn – diýip, Gün şadyýan seslenýär. – Ynamdyr goldaw bolsa islendik adama döretmäge, öňünden çykan ähli kynçylyklary ýeňip geçmäge güýç berýär.

***Terjime eden Meretgeldi JUMADURDYÝEW,***
***Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň iňlis dili mugallymy.***